# § 11. Hereketi aňladýan sözler.

**202-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we olardaky **näme etdi?, näme edýär?, näme etjek?, näme eder?** diýen soraglara jogap bolýan sözleri aýdyp beriň.

Yaz geldi. Ýagyş ýagdy. Bahar okaýar. Gözel gelýär. Ata okajak. Oraz ýazar.

**203-nji gönükme.** *Okaň we göçüriň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyp beriň.*

Kepderi **uçdy.** Guş **gondy.** Çagalar **oýnaýar.**

Kakam **okaýar.** Gurban **geler. Men gitjek.**

* * *

**204-nji gönükme.** Suratlara seredip, olaryň aşagynda ýazylan soraglaryň jogabyny depderiňize ýazyň.

Kepderi **uçdy.**

Guş **gondy.**

Çagalar **oýnaýarlar.**

Kakam **okaýar.**

Gurban **geler.**

Men **gitjek.**

Turkmenkultur.com



Oglan näme edýär?



Gyz näme edýär?





Awtobus näme etdi?



Ýolagçylar näme edýärler?

**Gymyldy-hereketi aňladýan sözler** *näme etdi?, näme edýär?, näme etjek?, näme eder?* **diýen soraglara jogap bolýarlar. Meselem:**

*Näme etdi? Okady, ýazdy, gitdi.*

*Näme edýär? Okaýar, ýazýar, gidýär. Näme etjek? Okajak, ýazjak, gitjek.*

Turkmenkultur.com

## *Näme eder? Okar, ýazar, gider.*

**205-nji gönükme.** Okaň. Has gara ýazylan sözleriň nähili

soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

1. Kakam oba **gitdi. Ol** şu gün **geldi.**

2. Horaz **gygyrýar.**

3. Adamlar **işleýär.**

4. Jerenjik ertir **geler.** Ejesiniň ýanynda **oturar.** Durdy basym **geljek. Ol okajak.** 5. Maşyn tiz wagtdan **ugrajak.** Maşyn **ugrady.**

Has gara ýazylan sözleriň gymyldy-hereketi aňladýandygyny ýadyňyzda saklaň.

* * *

**206-njy gönükme.** Göçüriň we **näme etdi?, näme edýär?, näme eder?, näme etjek?** diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.

1. Oraz şähere gitdi. Ol sagat bäşde geler. 2. Jeren okaýar. Kakam diňleýär.

3. Kakam ýazýar. Ol okar. 4. Men gitjek. 5. Meret işden geldi.

* * *

**207-nji gönükme.** Okaň. Näme etdi? diýen soraga jogap bolýan sözleri we olaryň kimiň, nämäniň hereketini aňladýandygyny aýdyň.

Gök gürledi. Ýagyş ýagdy. Yagyş diňdi. Gün çykdy. Otlar gögerdi.

Kakam işden geldi. Ol gazet okady. Enem diňledi.

Turkmenkultur.com

* * *

**208-nji gönükme.** Göçüriň. Nokatlaryň ýerine dik çzygyň sag tarapyndaky sözlerden şol zada, degişl hereketi aňladýan sözi tapyp ýazyň.

| | |
|---|---|
| Sygyr... | ýagdy |
| Howa... | bulutlaşdy |
| Ýagyş... | dokady |
| Jigim mekdebe... | gögerdi |
| Ejem haly... | gitdi |
| Meýdanda otlar... | molady |

* * *

**209-njy gönükme.** Aşakdaky gymyldy-hereketi aňladýan

sözleri ulanyp, özüňizden dort sany sözlem ýazyň.

Yazdy, okady, işledi, geldi.

**Nusga:** *Aşyr hat ýazdy.*

* * *

**210-njy gönükme.** Okaň. Näme etdi? diýen soraga jogap bolýan sözleri aýdyň.

Ejem ir turdy. Ol ertirligini iýdi. Iş eşiklerini geýdi. Ejem işe gitdi.

Ol awtobus duralgasyna bardy. Awtobus geldi. Ejem awtobusa mündi.

Awtobus ugrady. Dördünji duralgada ejem awtobusdan düşdi.

* * *

**211-nji gönükme. Ýazmak** sözünden **näme etdi?, näme edýar?, näme**

Turkmenkultur.com

**etjek?, näme eder?** diýen soraglara jogap bolar ýaly edip, sözlemler düzüň we onuň aşagyny çyzyň.

**Nusga:** Myrat dostuna hat **ýazdy.**

* * *

**212-nji gönükme.** Okaň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.



## Uçýan güljagaz.

Bahar **geldi.** Baýyrlar gül-pürçüge **bezendi.** Ýekşenbe güni Batyrjyk kakasy bilen dag etegindäki baýyrlara gezelenje **gitdi.**

Al-elwan güller, gök-parç otlar şäheriň çygyna ýuwnupdyr. Ol otlaryň üstünde bir kebelejik perwanady. Kebelejik gülden-güle **uçýar, gonýar.**

Batyrjyk **kowalaýar.**

- Kaka, seretsene, gülälek uçup ýör!

- Oglum, ol gülälek däl, kebelek.

*(A. Yslamow, «Ýazlagda»).*

| | |
|---|---|
| *saheriň çygy* | *kebelek* |

**213-nji gönükme.** Okaň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

Turkmenal.com

## Meret mergen.

Meret mergen awa ç**ykdy,**

Meret mergen daga ç**ykdy,**

Ýoldaşyndan **saýlandy** ol,  Derelere

**aýlandy ol.**

Düry suwlar şarlap **akýar,**

Dumly-duşa mergen **bakýar.**

Jülgeler ýaşyl ö**wüsýär,**

Gezdigiçe göwni **towusyar.**

*B. Kerbabaýew.*

Näme edýär? diýen soraga jogap bolýan sözleri göçüriň.

* * *

**214-nji gönükme.** Göçüreniňizde, dik çyzygyň sag tarapyndaky hereket aňladýan sözleriň degişlisini nokatlaryň ýerine ýazyň we olaryň nähili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

| | |
|---|---|
| Yagyş... | okaýar |
| Gün... | otlaýar |
| Çagalar kölegede... | çykdy |
| Mallar... | sagýar |
| Agam 4-nji klasda... | ýagýar |
| Enem sygyr... | oýnaýar |

Turkmenkultur.com

* * *

**215-nji gönükme.** Suratdakylaryň hereketini ýazyň we näme etdi?, name edýär? diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň.







Nusga: Otly ugrady

* * *

**216-njy gönükme.** Aşakdaky gymyldy-hereketi aňladýan sözleri ulanyp, özünizden dört sany sözlem ýazyň.

Aldy, okady, ýaşaýar, bejerýär.

**Nusga:** Gözel depder aldy.

Turkmenkultur

* * *

**217-nji gönükme.** Okaň. Has gara ýazylan sözleriň nähili soraga jogap bolýandygyny we olaryň kimiň, nämäniň hereketini aňladýandygyny aýdyhň

1. Bibi ejesine **kömeklesýär. Ol suw getirýär,** gap-çanaklary **ýuwyar.** Jeren sapaklaryna **taýýarlanýar.**

2. Işçiler medeniýetli **ýaşaýarlar.** 3. Mugallym **öwredýär.** Çagalar **öwrenýär.**

4. Bulutlaryň aňyrsyndan Gün **görünýär.**

5. Otly şu ýerde **durýar.** Otly **ugraýar.**

**218-nji gönükme.** Okaň we **näme edýär** diýen soraga jogap bolýan sözleri göçüriň.

## Keýijek.

Keýijek ýedi ýaşynda. Ol birinji klasda okaýar.

Keýijegiň daýysy Aýböwür diýen obada ýaşaýar.

Ol ejesi bilen her iki aýdan bir gezek Aýböwre gidýär.

Keýijek obada öz joralary bilen oýnaýar.

**219-njy gönükme.** Okan. Ilki **näme etdi?,** soňra **näme edýär?**

diýen soraga jogap bolýan sözleri depderiňize ýazyň.

Alýar, gülýär, geldi, gidýär, oturdy, ýazýar, ýazdy, gördi,

öwrenýär, ýatdy, begenýär, ekýär, oýnaýar, turdy.

Turkmenkultur.com

**Nusga:** 1. Geldi, ... 2. Alýar, ...

**220-nji gönükme.** Okan. **Näme eder?, näme etjek?**

diýen soraglara jogap bolýan sözleri aýdyň.

1. Okuwçylar geler. Olar klasa girer. Mugallym öwreder. Okuwçylar öwrener.

2. Men oba gitjek. Dostuma sowgat äkitjek. Men dostum bilen oýnajak.

**221-nji gönükme.** Göçüriň. Nokatlaryň ýerine şol zadyn etjek hereketini aňladýan sözi tapyp ýazyň.

| | |
|---|---|
| Howa... | gonar. |
| Ejem işe... | dokar. |
| Ol haly... | gider. |
| Guş.. | |
| Men Watanymyz | maýlar. |
| hakdaky goşgulary... | gitjek.<br>oka jak. |
| Kakam bilen Mara... | |

**222-nji gönükme.** Göçüriň. Nokatlara derek ýaýyň

içindäki soraga jogap bolýan sözleri tapyp ýazyň.

1. Jigim çagalar bagyna ... (näme eder?). Işden soň kakam onuň yzyndan ... (näme eder?). Olar öýe ... (näme eder?).

2. Men kitap ... (näme etjek?). Sen nirä ... (näme etjek?). Wertolýot Garrygala tarap ... (näme eder?). Ýel ... (näme eder?).

***Näme eder?, näme etjek?*** diýen soraglara jogap bolýan sözleriň aşagyny çyzyň we olaryň kimiň, nämäniň hereketini aňladýandygyny aýdyň.

**Nusga:** Jigim çagalar bagyna gider.

Turkmenkultur.com

* * *

**223-nji gönükme.** Aşakdaky gymyldy-hereketi aňladýan sözlerden saýlap, **näme eder?** diýen soraga jogap bolýanlary biraýry, **näme etjek?** diýen soraga jogap bolýanlary biraýry göçüriň.

Alýar, alar, aldy, aljak, getirdi, getirjek, oturar, oturjak, oturdy, geldi, gelýär, geler, geljek, berer, berjek, okaýar,

okajak, işleýär, kakar, ýasar, ýasajak, bilýär, biler, sürjek.

**Nusga:** 1. Alar, oturar, ... 2. Aljak, getirjek, ...

**224-nji gönükme.** Göçüriň. Hereket aňladýan sözleriň aşagyny çyzyň we olaryň nahili soraglara jogap bolýandygyny aýdyň.

Bahar geldi. Bu gün ýagyş ýagar. Otlar gögerer. Howa maýlar we çagalar oýnar. Men Maýsa bilen oýnajak. Men depa çykjak.

**225-nji gönükme.** Aşakdaky hereket aňladýan sözleri **näme eder?, närne etjek?** diýen soraglara jogap bolar ýaly edip, depderiňize ýazyň.

AI, gel, git, ýaz, oka, bar, ber, otur, gör, bejer.

**Nusga:** name eder? — alar, geler, ...

näme etjek? — aljak, geljek, ...

**226-njy gönükme.** Ýaýyň içindäki soraglara öý haýwanlarynyň edýän hereketini jogap edip ýazyň.

Sygyr (näme etdi?).

Sygyr (näme edýär?).

Turkmenkultur.com

Sygyr (näme eder?).

Sygyr (näme etjek?).

Goýun (näme etdi?).

Goýun (näme edýär?).

Goýun (näme eder?).

Goýun (näme etjek?).

**Nusga:** Sygyr molaýar.

Turkmenkultur.com